**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**— GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN BU GÜN BEÝIK TARYHY DÖWRE GADAM BASYP, GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN ÖŇE BARÝAR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 10-njy iýuny

№ 46 (10488)

ÇARŞENBE



# SANLY ULGAM ARKALY IŞ MASLAHATY

**Häzirki wagtda ýurdumyzyň sebitlerinde Oba milli maksatnamasyna laýyklykda alnyp barylýan möwsümleýin işler guramaçylykly ýerine ýetirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 8-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, sebitde galla oragyna guramaçylykly girişilip, ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnap almak, galla kabul ediş kärhanalarynda bökdençsiz kabul etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şunda oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Welaýatyň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekinlere ideg etmek, ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragynyň guramaçylykly geçirilmegini, welaýatyň gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda belledi we bu işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde welaýatda amala aşyrylýan işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, sebitde bugdaý oragyna guramaçylykly girişmek üçin degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, ösüş suwuny tutmak we mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzda gök-bakja önümleriniň öndürilýän möçberini has-da artdyrmak boýunça öňde goýlan wezipelere laýyklykda, welaýatda ýazlyk ýeralmanyň, beýleki ekinleriň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak işleri dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işleriň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we galla oragyna guramaçylykly girişilmeginiň, gowaça ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmeginiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz welaýatda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, welaýatda galla oragyna guramaçylykly girişmek üçin zerur çäreler görülýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, otag etmek, ýekelemek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilip, ösüş suwuny tutmaga taýýarlyk görülýär. Ýazlyk ýeralma, gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda ideg işleri geçirilip, ýetişdirilen hasyly ýygnamak boýunça taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Welaýatda şaly ekişi guramaçylykly dowam edip, bu jogapkärli möwsümi gysga möhletde tamamlamak üçin zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragyna guramaçylykly girişmek üçin ähli zerur çäreleri görmegiň, gowaça ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilmeginiň wajyp talap bolup durýandygyny belledi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Mundan başga-da, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek babatda degişli tabşyryklar berildi.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, welaýatda ýetişdirilen bugdaý hasylyny ýygnap almak işleri dowam edýär. Möwsümde oba hojalyk tehnikalary, galla kabul ediş kärhanalary bökdençsiz işledilýär. Bugdaý oragyndan boşan meýdanlarda sürüm işlerine girişildi. Sebitiň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda ideg işleri dowam edip, ýetişdirilen ýazlyk ýeralmanyň hasyly ýygnalyp alyndy. Şeýle hem welaýatda şaly ekişine girişmek üçin zerur taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen bugdaý hasylyny soňky dänesine çenli ýygnap almagyň, gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmeginiň zerurdygyny belledi we bu babatda degişli tabşyryklary berdi. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň möhüm ähmiýetine ünsi çekip, welaýatda bu ugurda alnyp barylýan işleri hemişe gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, sebitde galla oragyna girişilip, bu jogapkärli möwsümi guramaçylykly geçirmek üçin zerur çäreler görülýär. Däne ýygýan kombaýnlar, bugdaý daşaýan awtoulaglar, galla kabul ediş kärhanalary doly güýjünde işledilýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, ýekelemek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri utgaşykly ýerine ýetirilýär. Welaýatyň ýazlyk ýeralma we gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarynda ideg işleri bilen birlikde, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bugdaý hasylyny soňky dänesine çenli ýitgisiz ýygnap almagyň, gowaça ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi hem-de birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalara laýyklykda, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýetişdirilen bugdaý hasylyny ýygnap almak boýunça işleriň hem-de gowaça ideg işleriniň bellenen kadalara laýyklykda ýokary hilli geçirilmeginiň, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şalynyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek üçin zerur çäreleri görmegiň möhümdigini belledi hem-de wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işlere ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de bu jogapkärli möwsümi ýokary hilli we öz wagtynda geçirmek üçin toplumlaýyn çäreleri görmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz dünýä bileleşiginde durnukly ösüşi pugtalandyrmaga, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlary bilen çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, 8-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýadro synaglaryny ählumumy gadagan etmek barada Şertnamasy guramasynyň (CTBTO) Ýerine ýetiriji sekretary Robert Floýdy kabul etdi.**

# ÄHLUMUMY HOWPSUZLYGA GÖNÜKDIRILEN TAGALLALAR

Robert Floýd wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasatyna ýokary baha berdi hem-de ýolbaşçylyk edýän guramasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mähirli mübärekläp, şu ýyl Ýadro synaglaryny ählumumy gadagan etmek barada Şertnamanyň kabul edilmegine 30 ýyl dolýandygyny aýtdy. Türkmenistan bu Şertnama ilkinjileriň hatarynda gol çekdi. Bu bolsa ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge hemişe ygrarlydygynyň aýdyň güwäsidir. Hormatly Prezidentimiz myhmanyň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň dowamynda bu Şertnamanyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli ýokary derejeli sebitleýin maslahata gatnaşjakdygyny aýdyp, onuň saparynyň çäklerinde geçirjek duşuşyklarynyň netijeli bolmagyny arzuw etdi hem-de pursatdan peýdalanyp, Robert Floýdy bu şanly sene bilen gutlady.

Ýadro synaglaryny ählumumy gadagan etmek barada Şertnamasy guramasynyň Ýerine ýetiriji sekretary hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, bu şanly senäniň Türkmenistanda bellenilmeginiň ýurdumyzyň parahatçylyk taglymlaryna ygrarlydygynyň nyşany bolup durýandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine pugta eýermek bilen, ählumumy we sebit howpsuzlygyny, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Ýadro synaglaryny ählumumy gadagan etmek barada Şertnamasy guramasynyň Ýerine ýetiriji sekretary Robert Floýdyň saparynyň netijeleriniň Türkmenistan bilen bu guramanyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlyga oňyn goşant goşjakdygyna ynam bildirip, oňa berk jan saglyk, işinde üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÜSTÜNLIGIŇ AÝDYŇ ÝOLY

Häzirki ajaýyp döwrümizde gazanylýan giň möçberli durmuş-ykdysady ösüşler ýurdumyzy düýpli özgertmekde, döwrebap mümkinçilikleri durmuşa geçirmekde berk binýat bolup durýar. Ýurdumyzda döwlet we hukuk esaslaryny pugtalandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde umumy ykrar edilen halkara kadalaryna, şol sanda döwlet gurluşyny we dolandyrylyşyny pugtalandyrmaga gönükdirilen ygtybarly kanunçylyk binýady döredilýär. Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzüminiň kämilleşdirilmegi barada aýdylanda, ösen ykdysadyýetde jemi içerki önümiň düzüminde senagatyň we hyzmatlar ulgamynyň tutýan ornunyň artmagy kanunalaýyk bolup durýar. Munuň özi ähli pudaklaryň döwrebap ösüşini özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini beýan edýär.

Ähli ugurlar bilen bir hatarda önümçiligiň, senagatyň ösdürilýändigine göz ýetirmek bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen durmuşa geçirilýän işler buýsandyrýar.

2

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

12-nji iýun — Ylymlar güni

## YLYM-BILIM — BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY

**Ýurdumyzyň ösüşi ylym-bilim bilen berk baglanyşyklydyr. Berkarar Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ylmyň ösdürilmegine we ylymly, bilimli hünärmenleriň döredijilikli zähmet çekmeklerine giň mümkinçilikler döredilýär.**

Ylym-bilimiň ösýän zamanynda ýaş hünärmenleriň, alymlaryň taýýarlanmagyna, olaryň kämilleşmegine uly üns berilýär. Munuň özi röwşen geljegi üpjün etjek aýdyň maksatlardan alamatdyr. Ýaş alymlaryň kämilligi, olara döredilýän giň mümkinçilikler ylym-bilimiň şu gününi we röwşen geljegini üpjün edýär. Şol bir wagtda ylym bilen meşgullanýan hünärmenleriň sanynyň artmagyna hem ýardam edýär.





Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Her bir döwletiň we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşi ylym bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de, Garaşsyz döwletimizde ylym ulgamyny kämilleşdirmäge uly üns berýäris». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ylym-bilim ösüşleriň gözbaşydyr. Ylym gymmatly baýlyk hökmünde adamzat durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Häzirki wagtda işler ylmy esasda ýola goýlup, onuň ähmiýeti nygtalýar. Adamzat durmuşynda gazanylan ähli üstünlikler we ýeňişler, ýetilen belent sepgitler ylym-bilimiň, ösen aňyýetiň miweleridir. Häzirki taryhy döwürde ýurdumyzy ösdürmegiň türkmen nusgasy täze mazmun bilen baýlaşdyrylýar, berkarar ýurdumyzyň ösüşlerini üpjün etmek, onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak wezipesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu wezipeleri durmuşa geçirmekde milli ylym ulgamynda uly mümkinçilikler bar.

Mälim bolşy ýaly, her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni ylym-bilim işgärlerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Munuň özi ylym-bilim ulgamyny has-da ösdürmek bilen baglanyşykly wezipeleri üstünlikli alyp barmak bilen pugta baglanyşyklydyr. Häzirki ajaýyp zamanamyzda ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryndan, täze tehnologiýalardan oňat baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak wezipelerinden ugur alnyp, ýurdumyzda bu ugurlara düýpli maýa goýumlary gönükdirilýär. Ýurdumyzda täze ýokary okuw mekdepleri döredilýär, ýokary okuw we ýörite orta hünär okuw mekdepleri okadylýan derslere innowasiýa ugurlary, sanly ykdysadyýet girizilýär. Umumybilim berýän orta mekdeplerde we mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda terbiýelenýän ýaş nesillerde döwrebap tehnikalardan we tehnologiýalardan peýdalanmak başarnyklary kemala getirilýär. Bu bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň innowasiýalar ýurduna öwrülýändigine şaýatlyk edýär.

Ylmy ösdürmegiň we onuň gymmatyna düşünmegiň guraly hökmünde ýurduň tehniki-ykdysady kuwwatyny berkitmek, halkyň medeni derejesini hem-de maddy üpjünçiligini ýokarlandyrmak uly ähmiýete eýedir. Berkarar ýurdumyzda ýaşlara ylym-bilim we terbiýe bermekde zerur bolan ähli şertler döredilýär. Täze taryhy eýýamda bu ugurda degişli işler ýola goýuldy, ylmyň ygtybarly binýady kemala geldi. Bu ulgamy ösdürmekde ylmy bäsleşikleriň uly ähmiýeti bar. Häzirki wagtda ýaşlary ylmy bäsleşiklere çekmek, ylmy-barlag edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, milli gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmak boýunça mynasyp işler durmuşa geçirilýär. Alnyp barylýan ylmy-barlag işleri pudaklary ösdürmäge, täze tehnologiýalary işläp düzmäge we ornaşdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde onlaýn görnüşli halkara ylmy maslahatlar yzygiderli guralýar. Munuň özi türkmen ylmyny dünýä derejesine çykarmagyň, häzirki zaman innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmagyň möhüm ugrudyr. Bu bolsa türkmen alymlarynyň öňünde mundan beýläk-de milli ylmy döwrebap ösdürmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda işleri ilerletmegi ylmy esasda alyp barmak, pudaklarda täze, öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, ýerine ýetirilýän ylmy işleriň netijeliligini artdyrmak, ylmy işgärleri höweslendirmek babatda uly wezipeleri goýýar.

Häzirki wagtda il-ýurt, sebit we dünýä ähmiýetli iri taslamalar amala aşyrylýar, awtomobil we demir ýollary, gaz geçirijiler, dürli medeni-durmuş maksatly desgalar gurulýar. Bu bolsa milli ykdysadyýetimiziň ylmy esasda sazlaşykly ösýändiginden habar berýär. Bularyň ähdlisi önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylýandygyna, iň täze tehniki hem tehnologik enjamlaryň netijeli ulanylýandygyna, ylymly hünärmenlere giň mümkinçilikleriň döredilýändigine şaýatlyk edýär. Ylym-bilimi ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Döwletgeldi ÇARWAÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory.**

## RUHY MIRASYMYZYŇ AJAÝYP NUSGASY




TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

**Türkmen halkynyň asyrlarboýy döredip gelen ruhy baýlyklarynyň arasynda rowaýatlaryň we nakyllaryň aýratyn orny bardyr. Halk döredijiliginiň esasy ugry hasaplanýan rowaýatlardyr nakyllar geçmiş taryhyň halkyň aňynda näderejede çeperleşdirilip ýaşaýandygyny görkezýär. Çeper edebiýatyň esasy maksadynyň terbiýeleýjilikdigini nazara alsak, rowaýatlar we nakyllar diňe bir gyzykly hekaýat däl, eýsem, ýaş nesli watansöýüjilik, milli ruhda terbiýelemegiň esasy serişdeleriniň biridir. Taryhymyz, edebi mirasymyz, milli gymmatlyklarymyz hakynda gymmatly maglumatlary özünde jemleýän rowaýatlar, nakyllar Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly ylmy-filosofik eseriniň hem mazmunyny düzýär. Bu ajaýyp eseriň bölümlerinde Gahryman Arkadagymyz her bir gürrüňini edýän pikirini halk hazynasy bolan nakyllara we rowaýatlara salgylanmak bilen beýan edýär. Kitapda getirilýän şol ruhy baýlyklar bolsa nesilleri ýokary ahlakly, watansöýüji, zähmetsöýer, adamkärçilikli ýaşlar edip ýetişdirmekde uly ähmiýete eýedir.**

Kitabyň mazmunyndan rowaýatlaryň we nakyllaryň beýik sazlaşygyny görmek bolýar.

**Taryhylyk.** XV asyrda ýurdumyzda gurlan Seýit Jemaleddin metjidi taryhy ýadygärlik hökmünde hemmämize mälim. Emma onuň bezegindäki şekilleriň taryhyny bilmek hemmämiz üçin gyzykly. Şol gyzyklanmalarymyzyň içinde döreýän ilkinji sorag: «Näme üçin metjidiň bezeginde gülleýän ösümlikleriň utgaşmasynda towlanyp ýatan aždarhanyň şekili bar?». Gahryman Arkadagymyzyň kitapda beýan edýän rowaýaty biziň bu soragymyzyň diýseň täsin we göwnejaý jogabyny berýär. Rowaýatyň mazmunyna gysgaça ýüzlensek, gadym zamanlarda bu ýerde kuwwatly gala hem-de şäher bolup, oňa Jemal atly zenan maşgala (rowaýatyň beýleki bir nusgasynda Seýit Jemal atly erkek kişiniň hökümdar bolandygy hem aýdylýar) hökümdarlyk edipdir. Ol hökümdar örän pähimli hem-de adalatly bolupdyr. Gala diwarynyň düýbünde, metjidiň häzirki duran ýerinde jaňjagaz asylgy bag ösüpdir. Möhümi bolan her bir ötegçi şol jaňy kaksa, onuň sesini eşiden hökümdaryň nökerleri derrew gelip, mätäje kömek eder ekenler. Bir gezek şäheriň ilaty görlüp-eşidilmedik güýç bilen yralanýan jaňyň sesini eşidip barsalar, agajy yralaýan bir äpet, uly aždarha eken. Ol arlapdyr, towlanypdyr, ýöne adamlara zyýan ýetirmändir. Onuň nämedir bir zady düşündirjek bolýanlygy, ejir çekýänligi mälim, ýöne hiç kim onuň derdine düşünmändir. Şa zenan Jemal onuň ýanyna gelýär, aždarha birden-ä dag tarapy, birden hem mähelläniň içinde duran iki sany elleri paltaly hem byçgyly agaç ussalaryny görkezýär. Şonda şa zenan iki ussa aždarhanyň yzyna düşüp gitmegi tabşyrýar. Olar hem gorka-gorka daga tarap eňip barýan aždarhanyň yzy bilen gidýärler. Ahyrynda ussalar başga bir aždarhanyň üstünden gelýärler. Ol şu aždarhanyň aýaly bolup, özi-de ölüm ýassygynda ýatan eken. Ol dag goçuny diriligine ýuwudypdyr, onuň şahy bolsa, aždarhanyň bokurdagyna dürtülipdir. Iki sany batyr ussa onuň äpet agzyna girip, biri goçuň şahyny kesýär, beýlekisi läşini bölekleýär we şeýdip aždarhany halas edýärler. Ussalary alyp gelen birinji aždarha begenip, dagyň baýlykdan doldurylan gowagyndan olaryň ýüküni tutup goýberýär. Ertesi gün bolsa şol iki aždarha arkalaryna altyn, gymmat bahaly daşlary ýükläp gelip, patyşa öz minnetdarlygyny bildirýär. Patyşa baýlyklary hazynasyna goşman, ol baýlyklary ullakan, deňsiztaýsyz owadan metjidiň gurluşygyna harçlamagy buýurýar. Metjidiň girelgesiniň ýokarsynda bolsa, baýlygy sowgat beren şol iki aždarhanyň suratyny çekmegi tabşyrypdyr. Görnüşi ýaly, rowaýat mazmuny boýunça anyk taryhy maglumatlary özünde jemlemek bilen, her bir okyjynyň eziz topragymyz, onuň taryhy ýadygärlikleri hakynda gymmatly maglumatlary almagyna mümkinçilik berýär.

Millilik düşünjesi kitapda getirilýän halk nakyllarynyň hem süňňüne ornan. Mälim bolşy ýaly, nakyllar durmuş bilen berk baglanyşykly halky eserlerdir. «Hakyda göwheri» kitabyndaky: «Bir öýüň yşygy beýleki öýe düşmez» diýen atalar sözüniň mazmuny ünsüňi çekýär. Çuňňur filosofik esasdaky pikirlerini halkyna peşgeş edýän Gahryman Arkadagymyz bu nakylyň hem manysyny düşündirip, örän çuňňur millilige ýugrulan ylmy-filosofik pikirleriň üsti bilen terbiýeçilik häsiýetli açýar: «Özüňden beýgelip, il bolunýar, iliňden beýgelip, halk bolunýar, halkyňdan beýgelip, dünýä bolunýar. Şu ýerde hyýalyma «Bir öýüň yşygy beýleki öýe düşmez» diýilýäni hem gelýär. «Yşygyňy» goňşy-golamyň, içiň-daşyň bilen deň düşer ýaly etmek üçin «yşyk» bir öýe niýetlenilip, ýakylmaýar. «Yşyk» nur çaýyp, şamçyrag gymmatbaha daşy ýaly, ähli ýere ýagtylyk berýär». Gahryman Arkadagymyzyň parasatly beýan edişi ýaly, halkymyzyň milli pelsepesi, ynsanperwerlik ýörelgeleri yzygiderli dowam edip gelýär. Dosta kömek, myhmana hödür, mätäje goldaw-hemaýat etmek halkymyzyň milli ynsanperwer ýörelgeleriniň biri bolup, olary mynasyp dowam etdirmek biziň borjumyzdyr.

Millilik, milli häsiýet hakynda gürrüň edilende, «Hakyda göwheri» kitabynda getirilýän «Ulusy bolmadygyň, kiçisi bolmaz» nakylynyň hem manysy hakynda gürrüň etmek ýerlikli. Türkmençilige mahsus milli aýratynlyklarymyzyň esasysy ulyny sylamak, ýaşuly nesli hormatlamak, olardan ak pata almak, olaryň maslahatyna eýermekdir. Aňymyza ornan bu aýratynlyk kitapda «Oguznamalaryň» üsti bilen düşündirilýär. Elbetde, bu deliller nakylyň mazmunyna siňen milli häsiýetiň gadymylygyndan habar berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» ylmy-filosofik eserinde getirilýän «Daragt kökünden suw içer» diýen nakylyň mazmunyna ýüzlensek, onuň manysynda öz gözbaşyňy, gelip çykyşyňy, nesil köküňi unutmazlyk ýaly häsiýetleriň bardygyna göz ýetirýärsiň. Kitapda bu nakylyň manysyna syýasat, jemgyýeti öwreniş nukdaýnazardan seredilip, şeýle beýanda açylyp görkezilýär: «Türki dünýä köki zeminiň çuňluklarynda berkarar bolan, şahalary dünýä giňişligine gol ýaýradan goja daragta meňzeýär. Müňýyllyklary öz içine alýan bir bitewi taryh, ruhy-medeni ýakynlyklar, umumy gymmatlyklar bu daragtyň köklerine dirilik suwy — aby-haýat bolup ýetýär. Güýçli döwletler bilelikde has uly kuwwata eýedir».

Ýokarda getirilen mysallardan hem görnüşi ýaly, «Hakyda göwheri» kitabyndaky beýan edilýän mazmunyň halk paýhasynyň önümi bolan nakyllaryň we rowaýatlaryň üsti bilen delillendirilmegi kitabyň gymmatyny has-da artdyrýar. Çünki rowaýatlar we nakyllar türkmen halkynyň geçmiş taryhyny, halk gahrymanlarynyň ömrüni we döredijiligini dikeltmekde, taryhy ýadygärlikleri öwrenmekde gymmatly mirasdyr.

**Aýlar BAÝRAMOWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.**

## DÖWREBAP UGURLAR ÖSDÜRILÝÄR

**Türkmenistanda ylmyň ösdürilmegine döwlet tarapyndan aýratyn ähmiýet berilýär. Çuňňur ylmy-amaly barlaglary geçirmek, öňdebaryjy ylmy gözlegler boýunça amala aşyrylýan işleriň gerimini giňeltmek boýunça zerur şertler döredilýär. Täze maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, ylym edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak babatda toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.**

Ylym adamzadyň taryhynda iň uly gazananlarynyň biridir. Şonuň üçin ylym jemgyýetiň ösüşine itergi berýän esasy güýçdür. Taryhyň dowamynda ylym ynsanyň dünýägaraýşyny giňeltdi, täze açyşlary ýüze çykardy. Gadymy döwürlerden bäri tebigatyň kanunlaryny öwrenmäge bolan isleg artdy. Bu bolsa biziň häzirki zaman tehnologiýalaryna, lukmançylykdaky üstünliklere we ýaşaýyş şertlerimiziň ýokarlanmagyna getirdi.

Häzirki döwürde talyplar üçin diňe bir nazary bilimi özleşdirmek däl, eýsem, şol bilimi amaly tejribede — ylmy işlerde, taslamalarda we gözleglerde ulanmak örän möhümdir. Ýurdumyzda her ýylda bellenilip geçilýän Ylymlar güni alymlaryň zähmetine, ylmy-döredijilik işlerine goýulýan hormatdyr. Munuň özi innowasiýalaryň adamzat durmuşyndaky möhüm ornuny pugtalandyrmaga ýardam berýär. Ýurdumyzyň ýaş alymlarynyň, talyplaryň ylmy-barlaglar bilen meşgullanmaklary, halkara derejesindäki ylmy bäsleşiklere gatnaşmaklary we täze tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmaklary döwletimiziň ykdysady we medeni taýdan ösmegine ägirt uly goşantdyr. Zehinli ýaşlaryň ýüze çykmagyna we olary hemmetaraplaýyn höweslendirmäge gönükdirilen ylmy işleriň her ýyldaky döwlet bäsleşigi hut şu maksatlary amala aşyrmaga ýardam berýär. Şunda ylmyň nanotehnologiýalar, energetika, biotehnologiýalar, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika, maglumat-kommunikasiýa we kompýuter tehnologiýalary, döwrebap lukmançylyk we derman senagaty, innowasion sanly ykdysadyýet ýaly ugurlaryna aýratyn üns berilýär.

Häzirki döwürde ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryna, täze tehnologiýalara we innowasiýalara daýanmak arkaly ylmy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Öňdebaryjy halkara tejribä we milli ýörelgelere esaslanýan ylmy işler ýola goýuldy. Şunda ylmy-barlag işleriň netijeliligine aýratyn üns berilýär, halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirilýär. Ýurdumyzda dünýäniň öňdebaryjy merkezleri bilen yzygiderli aragatnaşyk saklaýan ylym ulgamy batly depginde ösdürilýär, onuň kanunçylyk we maddy-tehniki binýady yzygiderli berkidilýär, ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça ylmy-barlag işlerini geçirmek, ýaş alymlary we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ylmyň we innowasion işleriň netijeliligini artdyrmak, ösen tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça toplanan tejribäni öwrenmek, işgärleri taýýarlamak maksady bilen, halkara ylmy we tehniki hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar. Häzirki wagta çenli dünýäniň ençeme ýurtlary bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk barada hökümetara, pudagara we ikitaraplaýyn ylalaşyklar baglaşyldy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ylmyň dürli ugurlary bilen bir hatarda, sport ulgamy hem ylmy esaslara daýanyp, ýokary derejelere eýe boldy. Sport merkezleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag institutlarynyň hyzmatdaşlygy arkaly türgenlerimiziň taýýarlyk derejesi yzygiderli ýokarlandyrylýar.

**Gülnäz GURBANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.**

## ÜSTÜNLIGIŇ AÝDYŇ ÝOLY

1

Senagatyň depginli ösüşi innowasion tehnologiýalaryň esasynda amala aşyrylýar. Bu ugurlaryň ählisi-de jemi içerki önümiň artmagyna, täze iş orunlarynyň döredilmegine itergi bermek bilen, ykdysady we durmuş ösüşiniň çaltlanmagyna, adamyň bilim maýasynyň ösmegine ýardam edýär. Bu bolsa özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygy bilen berk baglanyşyklydyr.

Watanymyzyň rowaçlanmagy agzybir halkymyzyň zähmetiniň miwesidir. Şunda Diýarymyzyň keşbi hem, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri hem düýpli özgerişlere eýe bolýar. Watanymyzyň ähli welaýatlarynda täze, döwrebap obalar gurlup ulanylmaga berilýär. Şeýle hem ýurdumyzda innowasiýalar işjeň ornaşdyrylýar, sanly ulgamyň mümkinçilikleri esasynda döwrebap işler alnyp barylýar. Şunda ýaş hünärmenleriň bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagy, sanly ulgam boýunça iş alyp barýan ýaşlaryň asylly zähmeti bellenmäge mynasypdyr. Beýik işleriň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlanýar, senagat önümçiliginiň netijeliligi artýar hem-de ýurdumyzda hususy telekeçilik ösýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýurdumyzyň senagaty ägirt uly ösüşlere eýe boldy.

Milli ykdysadyýetiň ösdürilmeginde sanly ulgamyň ösüşini bellemek gerek. Esasan hem, ýurdumyzda uzak möhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga ýardam berýän sanlylaşdyrylan ulgamlaryň ähmiýeti uludyr. Şunda jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hili ýokarlandyrylýar we olaryň kämil görnüşleri ýola goýulýar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli özgerdilmeginde döwrebap tehnologiýalaryň orny artdyrylýar.

Şeýlelikde, sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi ýurdumyzda uzak möhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga ýardam berýän netijeli ulgamlaryň ornaşdyrylmagyna, durnukly ösüşi üpjün etmekde jemi içerki önümiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň paýynyň artdyrylmagyna we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da özgerdilmegine giň mümkinçilikleri açýar.

Sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň netijesinde hyzmatlary tiz amala aşyrmak, işleri döwrebap ýola goýmak ýaly ugurlar barha ösdürilýär. Munuň özi ýurduň bäsdeşlige ukyplylygyny, raýatlaryň durmuşynyň hilini ýokarlandyrýar, ykdysady ösüşi üpjün edýär. Ilaty durmuş taýdan goramak ulgamynyň işiniň tehnologiýa taýdan täze gurluşa geçirilmegi, ýagny sanlylaşdyrylmagy zähmet gorlarynyň ösmegini we halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Şunda ilaty durmuş taýdan goramak ulgamynyň iş prosesini hil taýdan täze derejä çykarmakda, raýatlaryň durmuşynyň hilini ýokarlandyrmakda esasy orun interaktiw ölçeglere we kommunikasiýalara, täze tehniki serişdelere, döwrebap tehnologiýalara hem-de olary kämil derejede dolandyrmaga ukyply hünärmenlere degişlidir.

Ýurduň durnukly ösmegi diňe berkarar döwlet, kuwwatly ykdysadyýet we il agzybirligi bolan mahalynda mümkindir. Ýurdumyzda şeýle giň mümkinçilikler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde amala aşyrylýar. Beýik işleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!




**Ogulniýaz ANNATAGANOWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

# BELENT MAKSATLAR ROWAÇLANÝAR

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ulag ulgamyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ulag ýollary döwrebaplaşdyrylýar, ähli zerur düzümi bolan ýokary tizlikli awtomobil ýoly gurlup ulanmaga berildi. Ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady döwrebaplaşdyrylýar.

Häzirki wagtda döwletimiziň üstaşyr ulag kuwwaty artdyrylýar, milli ykdysadyýetimiz diwersifikasiýa ýoly bilen ösýär. Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ulag geçelgeler ulgamyna aýratyn üns berilýär. Howa, demir ýol, awtoulag we deňiz gatnawlarynyň toplumlaýyn ulgamy giňeldilýär. Halkara derejeli çözgütler, taryhy ähmiýetli kararnamalar kabul edilýär. Adamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürmek bilen Bitarap Türkmenistan milli bähbitlerden ugur alyp, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini ösdürýär we ählumumy ösüşi nazarlaýar. Häzirki wagtda döwrebap ulag-üstaşyr logistik düzümi hem-de aragatnaşyk we telekommunikasiýalar ulgamy çalt depginlerde amala aşyrylýar.

Ulag ulgamy häzirki döwürde halkara giňişliginde möhüm ykdysady köpri bolup hyzmat edýär. Türkmenistan geoykdysady taýdan ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini dünýä döwletleriniň hem-de halklaryň bähbidine gönükdirýär. Ýurdumyzyň bu ugurda amala aşyrýan işleri we halkara başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginiň ykrarnamasyna eýe bolýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrylýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 8-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy. Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşdy. Bu bolsa milli deňiz-söwda flotunyň mümkinçiliklerini has-da giňeltmäge ýardam berýän ajaýyp wakalaryň biri boldy.

**Muhammetnur ATAÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy,Ýaş alymlar geňeşiniň başlygy.**




# TASLAMA BÄSLEŞIGI

**Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň bilim-ylym ulgamy ösdürilýär, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyna giň gerim berilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni mynasybetli uniwersitetimizde «Oguz hanyň zehinli nesilleri» atly IV integrirlenen olimpiadanyň hem-de ýaşlaryň arasynda geçirilýän innowasion tehnologiýalaryň taslama bäsleşiginiň jemleýji tapgyry üstünlikli geçirildi.**

Bu olimpiadanyň esasy maksady ýurdumyzyň zehinli okuwçylaryny ýüze çykarmakdan, olary bir bitewi «altyn gazna» jemlemekden hem-de geljekde ylmy-tehniki ösüşe goşant goşjak ýaşlary kemala getirmekden ybaratdyr. Munuň ähmiýetli tarapy olaryň ýeňijileriniň uniwersitetimize okuwa kabul edilmekde möhüm artykmaçlyga eýe bolmagydyr. Ýyllaryň dowamynda bu bäsleşikde ýeňiji bolan zehinli ýaşlaryň aglabasy uniwersitetimiziň talyby bolup, häzirki wagtda diňe bir okuwda däl, eýsem, halkara derejedäki ylmy bäsleşiklerde hem ýurdumyzyň abraýyny has ýokary galdyrýarlar.

Bu möhüm çäre orta okuw mekdeplerinde ýaşlara bilim berlişiniň hilini ýokarlandyrmak, olaryň häzirki zaman tehnologiýalaryndan we elektron maglumat hem-de dünýä internet ulgamyndan başarjaň peýdalanmaklaryny gazanmak maksady bilen geçirilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlara ösen döwletleriň bilim ulgamyna laýyk derejede bilim bermek üçin döwletimiz ähli şertleri döredýär.

Zehinli okuwçylary ýüze çykarmakda we ýaşlara berilýän bilimiň hilini barlamakda synagdan geçirilen bu möhüm ähmiýetli çäre ýokary guramaçylyga beslendi. Bäsleşik häzirki ajaýyp eýýamda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň, sungatynyň, jemgyýetiň ruhy hem ahlak taýdan ösüşini giňişleýin açyp görkezmegi maksat edinýär. Şu nukdaýnazardan, olimpiadanyň ilkinji tapgyryna ýurdumyzyň ähli etraplaryndan 22 müňden gowrak dalaşgär okuwçy gatnaşdy. Onuň birinji tapgyryndan üstünlikli geçen 2500-den gowrak okuwçy ikinji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy. Öz bilimini we ukyp-başarnygyny synap, synagdan geçen 68 okuwçy jemleýji tapgyra gatnaşyp, özara bäsleşdiler.

Ýeňiji bolan ýaşlar medallar, gymmat bahaly sowgatlar, diplomlar we Hormat hatlary bilen sylaglanyldy.

**Merjen ISAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň okuw bölüminiň esasy hünärmeni.**

Ýurdumyzyň bilim ojaklarynda

# SYNAGLAR ÜSTÜNLIKLI GEÇIRILÝÄR

**Arkadag şäheriniň gözel künjeginde ýerleşýän 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumy şu günler özüniň taryhy we iň jogapkärli döwürleriniň birini başdan geçirýär. Mekdebe çenli we orta bilim bölümlerini öz içine alýan toplumymyzda 2025 — 2026-njy okuw ýylynyň tamamlanmagy bilen, uly durmuş ýoluna gadam basýan uçurymlarymyzyň jemleýji döwlet synaglary guramaçylykly dowam edýär.**



Şu okuw ýylynda toplumymyz boýunça jemi 64 sany uçurym synplaryň 2-si boýunça mekdebi tamamlaýar. Häzirki wagtda olar öz bilimlerini we başarnyklaryny subut etmek üçin jemi 5 ders boýunça döwlet synagyny tabşyrýarlar. Toplumymyzda ýaşlaryň diňe bir ylmy bilimleri däl, eýsem, durmuş we zähmet endiklerini hem kämil ele almagyna uly üns berilýär. Munuň aýdyň subudy hökmünde okuwçylarymyzyň birinji synagy hünär okuwy dersinden boldy. Biz gyzlar üçin halkymyzyň milli buýsanjy bolan halyçylyk, oglanlar üçin bolsa Arkadag şäheriniň gözel tebigatyna ajaýyp goşant boljak bagbançylyk we gülçülik hünärlerini saýladyk.

Mundan başga-da, uçurymlar ene dili we edebiýat dersinden düzme, algebra we analiziň başlangyçlary dersinden synagy üstünlikli tabşyrdylar. Şeýle hem şu gün jemgyýeti öwreniş dersinden synagy üstünlikli tabşyrarlar. Bäşinji synag bolsa okuwçylaryň saýlan ugurlaryna baglylykda geçirilýär. Tebigy bilimler ugruny saýlan synpymyzyň okuwçylary biologiýa dersinden, ynsanperwerlik-durmuş bilimleri ugruny saýlan synpymyzyň okuwçylary bolsa, Türkmenistanyň taryhy dersinden öz bilim derejelerini görkezerler.

Okuw ýylynyň jemleri diňe bir synaglar bilen däl, eýsem, okuwçylarymyzyň ýokary görkezijileri bilen hem dabaralandy. Toplumymyzyň 12-nji synp okuwçylary «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginiň Arkadag şäher tapgyrynda uly üstünlik gazanyp, baýrakly orunlara mynasyp boldular. Olardan Patma Saparowa türkmen dili dersinden 1-nji orna, Akgül Atdakowa geografiýa dersinden 2-nji orna, Ülker Çaryýewa biologiýa dersinden 3-nji orna, Pena Wepaýew matematika dersinden 3-nji orna mynasyp boldular.

Biz hem, öz gezegimizde, ýaşlaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy, kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin ähli şertleri döredýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Uçurymlarymyza bolsa ak ýol we saýlap alan hünärlerinde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Agamyrat HOJABERDIÝEW,**
**Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň müdiri.**

**Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň bilim-ylym ulgamy halkara derejesinde kämil ösüş ýoluna düşdi. Türkmen ýaşlarynyň watansöýüji, döwrebap bilimli-ylymly, päk ahlakly, ilhalar adamlar bolmagyny gazanmak döwletimiziň esasy wezipeleriniň biridir.**

# ÝOKARY TAÝÝARLYGYŇ NETIJESI

Mekdebimizde ähli amatlyklary özünde jemleýän synp otaglarynda dünýäniň iň kämil kompýuter tehnologiýalary, multimedia serişdeleri ornaşdyrylan. Şeýle mümkinçiliklerden peýdalanýan okuwçy ýaşlarymyzyň 161-si 2025 — 2026-njy okuw ýylyny üstünlikli tamamladylar. 12-nji synpy tamamlan uçurymlarymyzyň birnäçesi okuw döwründe dürli bäsleşiklere gatnaşmak bilen, baýrakly orunlary eýelediler. Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti tarapyndan guralan «Oguz hanyň zehinli nesilleri» atly integrirlenen olimpiada-da 12–nji synp okuwçylary Rahat Atalyýew, Maral Hallyýewa, Sapar Welbekow ýeňiji bolup, «Oguz hanyň zehinli nesilleri» atly altyn gaznasynyň III derejeli agzalygyna kabul edildi. «Bilim güzeri» atly zehin bäsleşiginde 12-nji synpyň ady agzalan okuwçylary bilen birlikde Nurjemal Amanowa we Röwşen Mergenow dagy mekdebimiziň adyndan gatnaşyp, baş baýraga mynasyp boldular.

Mekdebimizde gutardyş döwlet synaglaryny geçirmekde jogapkärli işler alnyp barylýar. Okuwçylarymyzy döwlet synaglaryna taýýarlamak, synag işini döwrebap guramak we talabalaýyk geçirmek meseleleri okuw ýylynyň dowamynda mekdep ýolbaşçylarynyň we mugallymlarynyň üns merkezinde bolup, guramaçylykly işler alnyp baryldy. Synaglara taýýarlyk döwründe okuwçylara okuw maksatnamasy esasynda düzülen soragnamalardaky çylşyrymly soraglar boýunça ugrukdyryjy maslahatlar berildi. Synaglar tämiz we ýagty, ähli mümkinçilikler döredilen synp otaglarynda geçirilýär.

Uçurymlar düýn jemgyýeti öwreniş dersinden hem jemleýji döwlet synagyny tabşyrdylar. Döwlet synagynda tejribeli, halypa mugallymlar Jennet Halmyradowa, Hurma Muhammetkulyýewa, Gülle Ýegenowa dagy synagyň üstünlikli jemlenmeginde yhlaslylyk görkezdiler. Synaglaryň üstünliki geçirilmeginde synp ýolbaşçylarynyň hem bilelikdäki alyp baran işlerini bellemek bolar.

Synag döwründe her okuwça soragnamalardaky soraglara jogap bermek üçin özbaşdak pikirlenmäge wagt berildi. Okuwçylar öz paýyna düşen soragnamalardaky görkezilen soraglaryň ikisine we mugallymlaryň goşmaça beren sowallaryna ýazmaça hem-de gürrüň bermek arkaly jogap berdiler. Şeýlelik bilen, okuwçylar jemgyýeti öwreniş dersinden jemleýji döwlet synagyny üstünlikli tabşyrdylar.

**Oguljennet BEKIÝEWA,**
**Mary şäherindäki 25-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# Şowhuna beslenen çäre





Çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi aýdym-sazly çäreler bilen utgaşýar. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Aşgabat şäher we Büzmeýin etrap häkimlikleriniň bilelikde guramagynda «Çynar» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde dabaraly çäre geçirildi. «Biz — Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň bagtyýar perzentleri» diýen at bilen geçirilen bu şowhunly çärä Gökderede ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinden çagalar gatnaşdylar.

Ol günki aýdym-sazly çäräniň başy «Tebigatymyzy bilelikde goralyň!» atly bäsleşik bilen başlandy. Bu bäsleşik işjeň häsiýete eýe boldy. Bäsleşikde çagalar dürli haýwanjyklaryň, ösümlikleriň şekillerini ýasadylar. Olaryň suratlaryny çekdiler. Bäsleşige gatnaşyp, öňe saýlanan çagalar toparlary ýörite sowgatlar bilen höweslendirildi. Soňra bäsleşigiň dowamy dabaralar bilen utgaşdy.

Aýdym-sazly dabaraly çärä Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplary hem gatnaşdylar. Olaryň görkezen çykyşlary çagalarda ýakymly täsirleri galdyrdy. Şeýle hem bu ýerde çagalar institutyň talyplarynyň sirk oýunlaryna tomaşa etdiler.

Ekologiýa taýdan arassa, jana şypaly dag howasy çagalar üçin aýratyn melhemdir. Gökderedäki çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň ählisinde ýörite üsti açyk we ýapyk howuzlar bolup, olarda çagalar üçin suwa düşmäge doly şertler bar. Oýun oýnamak üçin ýörite meýdançalar hem çagalara aýratyn joşgun berýär. Futbol, woleýbol, basketbol meýdançalarynda sport ýaryşlary yzygiderli guralýar. Kitaphana, okalga, oýun otaglarynda çagalar wagtlaryny şadyýan geçirýärler. Mundan başga-da, döredijilik bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda hem çagalar başarnyklaryny görkezýärler. Golaýda bolsa «Salam, tomus!» atly surat bäsleşigi işjeň ýagdaýda geçirildi. Oňa merkezlerde dynç alýan çagalar uly höwes bilen gatnaşdylar.

**Annasoltan BAÝRAMOWA,**
**Gökderedäki «Çynar» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkeziniň uly mugallymy.**

Şadyýan tomus

# AWAZA: ŞYPALY DEŇZIŇ KENARYNDA

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda ýaş nesliň saglygy, bilimi we bagtyýar durmuşy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda gurlan çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri aýratyn ähmiýete eýedir. Şolaryň biri hem Awazada ýerleşýän «Arzuw» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezidir. Bu merkez diňe bir çagalaryň dynç almagy üçin niýetlenen ýer bolman, eýsem, olaryň döredijilik ukyplaryny ösdürýän, sport bilen meşgullanmaga höwes döredýän uly terbiýeçilik öýüdir. Her ýyl ýurdumyzyň ähli künjeklerinden ýüzlerçe çaga bu ýerde dynç alyp, özleriniň tomusky günlerini ýatdan çykmajak pursatlar bilen baýlaşdyrýar.**




Ýurdumyzda çagalaryň boş wagtlaryny netijeli guramak, saglygyny berkitmek hem-de ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak möhüm ugurlaryň biridir. «Arzuw» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde hem şu belent maksatlaryň amala aşyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Merkezde çagalaryň döwrebap şertlerde dynç almaklary, saglygyny dikeltmekleri we dürli döredijilik işlerine gatnaşmaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu merkez ýaş nesilleriň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegine, olaryň bilim derejesiniň ýokarlanmagyna we jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşmagyna ýardam berýär.

«Arzuw» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezi Hazar deňziniň türkmen kenarynda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde ýerleşýär. Bu sebit özüniň özboluşly tebigaty, arassa howasy we amatly howa şertleri bilen tapawutlanýar. Deňiz kenarynyň howasy adam saglygy üçin örän peýdalydyr. Deňizden öwüsýän şypaly howa dem alyş ulgamynyň kadaly işlemegine kömek edýär, bedeniň gorag güýjüni ýokarlandyrýar we umumy saglyk ýagdaýyny gowulandyrýar. Şonuň üçin hem Awaza çagalaryň saglygyny berkitmekde iň amatly ýerleriň biri hasaplanýar. Merkeziň daş-töweregi gök zolaklar, bezeg agaçlary, güller we dynç alyş meýdançalary bilen bezelendir. Bu bolsa çagalaryň tebigat bilen ýakyndan tanyşmagyna, arassa howada wagt geçirmegine we ruhy taýdan dynç almagyna ýardam edýär.

Merkezde çagalaryň dynç almagy üçin sekiz bina taýýarlanyldy. Olarda çagalaryň 16 topary döredildi. Toparlar deňiz gözelliklerini, asuda asmanymyzy, milli gymmatlyklarymyzy we bagtyýar nesilleriň arzuwlaryny dabaralandyrýan aýratyn atlar bilen atlandyrylýar. Olar «Melekler», «Deňizçi», «Rowaç», «Şapak», «Doganlar», «Bagtyýar», «Eýjejikler», «Tolkun», «Nurly Diýar» «Dostluk», «Bürgüt», «Alp Arslan», «Çalasyn», «Arslanlar», «Altyn» we «Ýyldyz» toparlaryndan ybaratdyr.

Çagalar dürli bäsleşiklerde we medeni çärelerde öz toparynyň adyny dabaralandyrmak, bilelikde agzybir zähmet çekmek hem-de sagdyn bäsdeşlik ýörelgelerine eýermek üçin jemlenýärler. Merkezde çäreleri ýokary guramaçylykly alyp barmakda merkeziň uly mugallymy Göwher Mergenowa bilen gurnaklaryň ýolbaşçysy Şöhle Gorganowa ýörite meýilnamany taýýarladylar. Şeýle hem merkezde terbiýeçileriň 16-sy we terbiýeçiniň kömekçileriniň 43-si zähmet çekýärler.

«Arzuw» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde çagalaryň wagtlaryny gyzykly geçirmekleri üçin dürli medeni-köpçülik çäreleri yzygiderli guralýar. Her gün diýen ýaly aýdym-sazly agşamlar, döredijilik bäsleşikleri, sport ýaryşlary we dürli oýunlar geçirilýär. Çagalar aýdym aýtmak, şygyr okamak, sahna çykyşlaryny taýýarlamak, surat çekmek we el işleri bilen meşgullanmak ýaly döredijilik işlerine işjeň gatnaşýarlar. Bu çäreler olaryň zehinini açyp görkezmäge, özüne bolan ynamyny artdyrmaga we täze başarnyklary özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

**Guwançmyrat ALÝAROW,**
**Balkanabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiň mugallymy.**



# HALK DÖREDIJILIK ESERLERINIŇ TERBIÝEÇILIK ÄHMIÝETI



**Halkyň milli gymmatlyklary müňýyllyklaryň dowamynda döreden ruhy we medeni baýlyklary bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmen halkynyň hem bäş müň ýylyň dowamynda ruhy we medeni gymmatlyklary döredendigine taryh şaýatlyk edýär. Şeýle gymmatlyklaryň hatarynda dil we ene dilimizde döredilen edebi eserler uly orun tutýar. Ylmy dilde beýan edilende, halk tarapyndan döredilen eserlere we edebi mirasa halk döredijilik eserleri diýilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halk döredijilik eserlerini ylmy esasda öwrenmek we ýaş nesillere ýetirmek asylly ýörelgä öwrüldi.**



Edebiýat halkyň ruhy baýlygy, terbiýe mekdebi hasaplanýar. Edebi eserlerde mertlik, watansöýüjilik ýaly asylly ýörelgeler wasp edilýär, gahrymanlaryň keşbi çeper beýan edilýär. Halk döredijiliginde hem şeýledir. Halk döredijilik eserlerine nakyllar, matallar, hüwdüler, dessanlar we beýlekiler degişli bolup durýar. Bularyň ählisi bitewülikde wagyz edýän, ýagşyny wasp edýän gymmatly pikirleri beýan edýär. Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabynda şeýle belleýär: «Halk döredijilik eserleri, umuman-ha, edebiýatyň bitewüligi aýan edýän gözbaşydyr. Nakyllardaky, atalar sözündäki, matallardaky, aýdymlardaky, gazallardaky, ertekilerdäki mazmunyň ruhy esasy olaryň haýsy zamana degişlidigini aýan edýär. Ýöne esasy nygtalmaly hakykat olaryň ruhy birligindedir, özara kök-damar baglylygyndadyr».

Halkymyzyň ruhy dünýäsiniň baýlygy öz dilinde, ene dilimizde döredilen edebi eserlerde aýdyň ýüze çykýar. Hut şu nukdaýnazardan, halkymyzyň ruhy dünýäsiniň baýdygyny aýratyn belläp bilýäris. Çünki ruhy dünýäsi baý ynsanyň, ruhy medeniýeti baý halkyň geljeginiň hem ýagty boljakdygy şübhesizdir. Milli mirasymyz — medeniýetimiz, sungatymyz, edebiýatymyz müňýyllyklaryň dowamynda halkymyzyň diňe bir ruhuny däl, mertebesini, dilini hem gorap geldi. Şundan hem görnüşi ýaly, edebi eserler bilen diliň berk baglanyşygy bardyr. Diliň sözlük baýlygyny göteriji bolup hem, geljek nesillere ýetirýän hem edebi eserlerdir. Gadymy miras milli buýsanjy emele getirýär, milli buýsanç bolsa milletimizi jebisleşdirýän, Watanymyzyň hatyrasyna işlemäge ruhlandyrýan, ata-babalardan galan däp-dessurlara eýerdýän, dilimizi baýlaşdyrýan ylham güýjüdir.

Edebi mirasymyz öwrenilende, diňe bir akyldar şahyrlaryň däl-de, eýsem, halk döredijilik eserleri bolan gazallaryň, dessanlaryň hem gymmatly baýlykdygyny nygtamalydyrys. Çünki edebi mirasymyzyň köp sanly görnüşleri, halk döredijiliginiň nusgalary şöhratly taryhymyzy beýan edýän, geçmişde ata-babalarymyzyň durmuşyny, kesp-kärini açyp görkezýän gymmatly çeşme bolup hem hyzmat edýär. Ruhy baýlyklarymyz halkymyzyň milli buýsanjy bolup, olar tämiz ruhy, sagdyn ahlagy ündeýän edebi gymmatlyklardyr. Bu gymmatlyklar dostluk, doganlyk, watanperwerlik, wepadarlyk, halallyk, mertlik, ruhubelentlik ýaly kämil gylyk-häsiýetleri özünde jemleýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe edebi-milli mirasymyzyň ähmiýeti has-da ýokarlandy. Bu gymmatlyklary ýaşlaryň arasynda wagyz etmekde, many-mazmunyny düşündirmekde uly işler alnyp barylýar.

Türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden medeni gymmatlyklaryny aýap saklamak, geljekki nesillere ýetirmek ugrundaky asylly ýörelgeler, medeniýetimiziň, sungatymyzyň, däp-dessurlarymyzyň şu günki nesilleri terbiýelemekde, olaryň aň-düşünjeleriniň kämilleşmeginde, jemgyýetimiziň sazlaşykly ösmeginde hyzmatynyň bimöçberdigi hem bellärliklidir. Munuň özi kämil şahsyýetleri kemala getirmäge, medeniýetiň, ylmyň ösmegine uly täsir edýär. Özi hem halkymyzyň döreden gymmatlyklarynyň birnäçesiniň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulandygy hem aýratyn buýsanç döredýär.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Türkmen edebiýaty, halkymyzyň döreden gymmatlyklary dünýäniň söz sungatyna beýik eserleri bagyş etdi. «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarymyz, «Şasenem — Garyp», «Asly — Kerem», «Hüýrlukga — Hemra», «Nejep oglan», «Kasym oglan», «Hatam Taý» ýaly ajaýyp dessanlarymyz, ertekiler, nakyllardyr atalar sözleri, hüwdüler, monjugatdylar, şorta sözler milli baýlygymyza öwrüldi. Şoňa görä-de, maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýä ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek babatynda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, medeni mirasymyz bilen baglanyşykly köp işler durmuşa geçirilýär.

Müňýyllyklaryň dowamynda sünnälenip, kämillik derejesine ýetirilen baý medeniýetimiz, şöhratly geçmişimiz, edebi mirasymyz ynsanperwerlik ýörelgeleriniň gözbaşy hökmünde öwrenilýär. Şonuň üçin hem, döwlet syýasatynda, nesil terbiýesinde akyl-paýhaslylygyň ajaýyp sazlaşygy bolan mirasymyzy, pederlerimiziň asylly ýörelgelerini hemişe özümize nusga edinýäris. Edebi eserlerde, esasan hem, halk döredijilik eserlerinde pederlerimiziň asylly ýörelgesi çuňňur many bilen çeper beýan edilýär. Mertlik, batyrlyk, watansöýüjilik, il-güne hyzmat etmek ýaly ynsanperwer häsiýetler dessanlarda we şadessanlarda çeper keşpleriň üsti bilen açylyp görkezilýär. Bu bolsa şeýle asylly ýörelgelerden nusga almak üçin ähmiýetlidir, çünki çeper keşpleriň, eserleriň gahrymanlarynyň şekilleriniň ynsana aýratyn täsir edýändigi aýdyň hakykatdyr. Hut şu nukdaýnazardan hem, çeper sözde beýan edilýän taryhy wakalar aýratyn many-mazmuna eýe bolýar. Okamak, öwrenmek, döredijilikli we yhlasly zähmet çekmek bilen, müňýyllyklaryň dowamynda döredilen eserleri wagyz edýäris. Geçmiş mirasymyzy öwrenmek we wagyz etmek biziň üçin mukaddes ýörelgedir. Ähli gujur-gaýratymyzy, ylym-bilimimizi Garaşsyz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine, dünýädäki abraý-mertebesiniň, onuň şan-şöhratynyň has-da belende galmagyna bagyş etmek, asyrlar aşyp gelýän milli ýörelgelerimizi mynasyp dowam etdirmek mukaddes borjumyz bolup durýar.

**Tyllagözel MUHAMMEDOWA,**
**Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň mugallymy, ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.**

Okuwçylary ders bäsleşiklerine taýýarlamak

# ÝAŞ NESILLERIŇ KÄMIL BILIMI

**Ýurdumyzda ýaşlarymyzyň çuňňur bilim almaklary, watansöýüji, hünärli adamlar bolup ýetişmekleri üçin taýsyz tagallalar edilýär. «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynda» bilim ulgamynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak we halkara derejesinde bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek esasy wezipeleriň biri hökmünde bellenilýär. Bu edilýän aladalar öz oňyn netijelerini hem berýär. Muňa türkmenistanly mekdep okuwçylarynyň halkara ders bäsleşiklerindäki üstünlikli çykyşlary aýdyň şaýatlyk edýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji bäş aýynda mekdep okuwçylary we talyplary halkara ders we internet bäsleşiklerinde 871 medal gazanmagy başardylar.**

Şu nukdaýnazardan, mekdep okuwçylaryny halkara ders bäsleşigine taýýarlamak boýunça birnäçe maslahatlary bermegi maksadalaýyk hasap edýäris. Mugallymyň esasy wezipeleriniň biri zehinli okuwçylary ýüze çykarmakdyr. Onuň üçin, ilkinji nobatda, mugallym okuwçylaryny gündelik synlamalydyr, öwrenmelidir. Okuwçylar bilen barlag we gurnak işlerini geçirmelidir. Her bir çaganyň mümkinçiliklerini bahalandyrmalydyr we deňeşdirmelidir. Çagalar bilen döredijilik toparlaryny döretmek, gurnaklarda işlemek we beýleki synpdan daşary işlere okuwçylary gatnaşdyrmak hem peýdalydyr. Şeýle hem okuwçylaryň bilelikde işlemegi, bilimlerini paýlaşmagy, öň halkara bäsleşigine gatnaşan okuwçynyň öz tejribesi bilen paýlaşmagy hem netijeli usullaryň hataryna girýär.

Taýýarlyga başlamazdan öň, çaganyň bäsleşige gatnaşmaga islegini, öňünde goýýan maksadyny, haýsy ugurlara has gyzyklanýandygyny anyklamak zerurdyr. Her bir bäsleşik özüne mahsus bolan aýratynlyga, bildirilýän talaplara, çylşyrymlylyga, ýumuşlaryň berliş görnüşine eýedir. Şonuň üçin hem taýýarlyga başlamazdan öň, yglan edilen bäsleşikleriň saýtyna girip, şertler bilen tanyş bolmak has peýdalydyr. Dersi umumy öwrenenden belli bir bäsleşigiň talaplaryna görä taýýarlanmak has netijeli bolar.

Taýýarlyk has ýeňil ýumuşlary çözmekden başlanyp, ädimme-ädim çylşyrymlaşdyrylmalydyr. Taýýarlyk işleri yzygider we üznüksiz alnyp barylmalydyr. Hepdede bir gün doly taýýarlyk göreniňden, her günde bir sagat taýýarlananyň has netijelidir.

Çaga mekdep, etrap, şäher we döwlet derejesinde geçirilýän bäsleşiklere gatnaşsa, peýdasy uly bolar. Internetde hödürlenýän ýumuşlary çözmek, olara seljerme bermek we netije çykarmak hem özüniň oňyn netijelerini berer. Çaga taýýarlyk döwründe gün tertibini bozmaly däldir. Azyndan 8 sagat gijeki ukusyny almalydyr. Okamak dynç alyş bilen utgaşdyrylmalydyr — akyl we fiziki zähmet gezekleşdirilmelidir (sport, açyk howada gezelenç we beýlekiler). Arasynda çaga höwes edýän zadyna-da güýmenmelidir. Okamak bilen bagly bolmadyk gatnaşyklar hem saklanylmalydyr. Daşky gurşawy wagtal-wagtal üýtgetmek hem peýdalydyr.

Okuwçy öz okaýan synpynda hödürlenýän meselelerden has çylşyrymly meseleleri çözmäge synanyşmaly. Her bir ýumuş ýerine ýetirilenden soň, seljerme geçirmeli we goýberilen ýalňyşlyklary düzetmegiň üstünde işlemeli. Ýörite edebiýatlardan peýdalanmaly. Adaty däl logiki ýumuşlary köpräk işlemeli. Ýerine ýetirilen işi talabalaýyk we yzygiderlilikde beýan etmegi başarmaly.

Taýýarlyk döwründe okuwça mümkingadar özbaşdaklygy bermeli. Özbaşdak we ukybyna görä alnan bilim iň düýpli we berk bilimdir. Çaga edebiýatlar bilen özbaşdak işläp, gerek maglumatlary özbaşdak toplaýar we zerur bolanda olary ulanmagy başarýar. Bu ýagdaýda mugallym daşky gözegçiligi amala aşyrýar, seljermeleri geçirmäge, netijeleri çykarmaga we zerur bolanda usuly ýardam bermäge gatnaşýar. Alnan bilimler işjeň ýagdaýda bolmaly, ýagny olar iş ýüzünde degişli soraglary çözmekde yzygider ulanylmalydyr. Bu ýagdaýda okuwçy taýýarlyk döwründe bilimlerini artdyrýar we tejribe toplaýar. Öňki bäsleşiklerde hödürlenen ýumuşlary öwrenmek, çözüwlerini özbaşdak tapmak taýýarlygyň netijeli usullarynyň biridir. Okuwçynyň özbaşdak işi şulary öz içine almalydyr: okuwçy öz meýilnamasyny özi düzýär; bäsleşikleri özi tapýar, saýlaýar we şertlerini öwrenýär; saýlan ugry boýunça meseleleri çözýär; meseleleriň çylşyrymlylygyny sazlaşdyrýar; öňki bäsleşikleriň ýumuşlaryny seljerýär; degişli we zerur edebiýatlary okaýar.

Halkara bäsleşiklerde üstünlik gazanmak üçin has çylşyrymly ýumuşlaryň üstünde işlemeli. Meselem, okuwçy öz okaýan synpynyň ýumuşlarynda 2 — 3 synp ýokary bolan synplaryň ýumuşlary bilen tanyş bolmaly we olardan oňat baş çykarmaly. Bu bilimler bolsa çaganyň özüne bolan ynamyny artdyrýar, bilimini ýokarlandyrýar.

Okuwçynyň üstünlikleriniň ýene-de bir girewi, ol hem mugallymyň öwüt-nesihatlarydyr. Ol çaganyň bäsleşikde ýeňiji bolmagy ýüregine düwmegine, özüne bolan ynamyny artdyrmaga ýardam berýär. «Esasy zat ýeňiji bolmak däl, hemmeler ýeňiji bolup bilmez. Ýöne bir zady ýatdan çykarmaly däl, gatnaşýanlaryň hemmesi özüň ýaly çaga, hemmeler üçin şert birmeňzeş, ähli zat seniň özüňe bagly, seniň mümkinçiligiň hiç kimiňkiden pes däl» diýlen sözler çagada özüne bolan ynamy has berkidýär we onuň çekinjeňligini aradan aýyrýar. Bäsleşikden 1—2 gün öň taýýarlygy bes edip, dynç alynsa, okuwçynyň ýadawlygyny aýrar. Bu döwürde çaganyň ýeňiji bolmaga islegi we hyjuwy artar.

Çaganyň howuny basmaly däl, «diňe ýeňiş» diýen maksady onuň öňünde goýmak bolmaz. Gazanylan netije çaganyň işjeňlik ukybyna, aň derejesine we ýeňiji bolmak islegine has bagly bolýar. Köp sanly çylşyrymly meseleleri hödürlemek hem maksadalaýyk bolmaz, bu çaganyň juda ýadamagyna getirip biler. Bu meselede çaganyň mümkinçilikleri hasaba alynmalydyr, ýadawlyk çaganyň isleginiň pese gaçmagyna getirip biler.

Taýýarlyk döwründe mümkingadar iki zatdan gaça durmaga çalyşmaly. Birinjiden, onuň üstünliklerini «münbere» çykaryp, artykmaç öwmeli däl. Şol bir wagtyň özünde-de onuň ýeten derejesini hem peseltmek bolmaz, mümkingadar «altyn aralygy» saklamaly. Taýýarlyk yzygider bolmalydyr. Näçe ir başlansa, netijesi hem şonça oňat bolar. Aşaky synplarda saýlama we goşmaça okuwlarda çaganyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, onuň belli ugurlar boýunça bilimlerini çuňlaşdyryp bolar. Taýýarlygyň meýilnamasy hemmeler üçin birmeňzeş bolmaly däldir, ol her bir çaganyň şahsy mümkinçiliklerini göz öňünde tutulyp düzülmelidir. Çaganyň tejribe geçirmek başarnyklaryny ösdürmek zerurdyr, ol alan bilimlerini durmuşda ulanmagy, adaty däl ýagdaýlar üçin olary uýgunlaşdyrmagy başarmalydyr. Çaga hyýalynda barlaglary «geçirmegi» başarmalydyr. Onuň ýokary okuw mekdepleriniň ýa-da ylmy edaralaryň barlaghanalarynda tejribeleri geçirmäge gatnaşmagy taýýarlygyň has netijeli usullarynyň biridir.

Matematikadan ders bäsleşigine gatnaşmak üçin käbir maslahatlary berip bolar. Matematikanyň degişli bölümlerini özleşdirmek möhümdir we hökmandyr: algebra we analiziň başlangyçlary (önüm, deňlemeler we olaryň sistemasy, progressiýalar); algebraik deňsizlikler; logarifmli meseleler; parametrli meseleler; trigonometriki funksiýalar, deňlemeler we deňsizlikler; bitin sanlar; sanlar teoriýasy; geometriýa we kombinatorik geometriýa; ähtimallyk teoriýasy; logika; graflar teoriýasy; kombinatorika; wektorlar; ekstremuma degişli meseleler; algebra we geometriýa degişli bolan adaty däl meseleler.

**Hemra ARAMEDOW,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 28-nji orta mekdebiň müdiri, tehniki ylymlaryň kandidaty, Türkmenistanyň at gazanan bilim işgäri.**

# DIL ÖWRETMEGIŇ USULLARY

**Ösüp gelýän ýaş nesle ýokary hilli bilim bermekde, milli we dünýä tejribeleri esasynda watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde, innowasion usullardan peýdalanmakda netijeli işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň oba hojalygynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar.**



«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» ýurdumyzyň agrar senagat toplumyny innowasion esasda ösdürmek esasy wezipeleriň biri hökmünde bellenildi. Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini özleşdirip bilýän, iňlis, rus we beýleki daşary ýurt dillerine erk edýän hünärmenleri taýýarlamak zerurdyr. Oba hojalyk biliminde dil öwretmek diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem, «ýaşyl ykdysadyýete» we «sanly oba hojalygyna» geçmegiň açarydyr.

Häzirki döwürde ylmyň dürli ugurlarynda täze açyşlar we gazanylýan üstünlikler, dünýä maglumatlary internet torunda iňlis, rus we beýleki dillerde beýan edilýär. Biz — mugallymlar talyplara okuw mekdebimiziň bilim portalyndan we internet torundan peýdalanyp, ylmy ösüş bilen öňe gitmegiň we derwaýys meseleleri seljermek üçin daşary ýurt dillerini düýpli özleşdirmegiň zerurdygyny giňden düşündirýäris. Daşary ýurt dilini öwredýän mugallymlarymyzyň okuw maksatnamalary her bir hünär ugrunyň aýratynlygyna laýyklykda düzülýär. Degişli hünärler boýunça sözlükler, adalgalaryň sözlükleri taýýarlanylyp, talyplarymyzyň hyzmatynda goýulýar.

Bu bolsa, öz gezeginde, olaryň dilleri özbaşdak öwrenmekleri üçin ukyp-başarnyklaryny artdyrmaga, käbir düşünjedir adalgalary özleşdirmäge ýardam berýär. Uniwersitetimiziň diller kafedrasynyň tejribeli mugallymlary, häzirki döwrüň talabyna görä, okuw kitaplarydyr okuw gollanmalaryny taýýarlaýarlar. Okuw işimizde häzirki zaman ösen tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, okuw-görkezme esbaplary, wideofilmleri, audioýazgylary ulanýarys. Bu usul talyplarymyzyň öwrenýän temalarynyň mazmunyna oňat düşünmeklerine, okuw sapaklarynyň çuň mazmunly maglumatlarynyň ýatda galmagyna täsir edýär.

**Bahargül BEGNAZAROWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.**

# USULY-AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI

Aşgabat şäherindäki 29-njy çagalar bakja-bagynda «Tomus möwsüminde taplama çärelerini guramagyň usullary» atly usuly-amaly maslahat geçirildi. Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň guramagynda geçirilen bu usuly-amaly maslahata şäheriň çägindäki mekdebe çenli çagalar edaralarynyň terbiýeçi-usulyýetçileri, şepagat uýalary gatnaşdylar.

Usuly-amaly maslahatda temalaýyn çykyşlar diňlenildi. Onda paýtagtymyzdaky 40-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi Bägül Rejepowa, 24-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi Jahan Ryzagulyýewa, 134-nji çagalar bakja-bagynyň şepagat uýasy Oguljuma Saparweliýewa dagy çykyş etdiler. Olar mekdebe çenli ýaşly çagalary beden taýdan terbiýelemegiň we taplamagyň öz işleriniň esasy maksadydygy barada aýtdylar. Çagalar edaralarynda körpäniň saglygyny berkitmegiň, olary dürli kesellerden gorap saklamagyň hem-de ilkinji medeni-arassaçylyk endiklerini öwretmegiň möhüm ähmiýetiniň bardygy dogrusynda nygtadylar. Şu esasda hem tomus pasly bilen bagly taplama çäreleriniň mekdebe çenli çaglar edaralarynda guramaçylykly alnyp barylýandygy we onuň esasy düzgünleri barada belläp geçdiler.

Usuly-amaly maslahatyň dowamynda tejribeli terbiýeçi-usulyýetçileriň öňdebaryjy iş tejribeleri hakynda hem bellenildi. Ýaş hünärmenlere halypa maslahatlary berildi.

**Ýörite habarçymyz.**

ABUNA — 2026

HORMATLY OKYJYLAR!

«Mugallymlar gazeti» gazetiniň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz. Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ: kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER: syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118827

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.